# «Saddamyň öýi»

Category: Kitapcy,Teatr we kino sungaty
написано kitapcy | 26 января, 2025
"Saddamyň öýi" SADDAM HÜSEÝINIŇ ÖÝÜNE GÜNBATARDAN SEREDIŞ: «HOUSE OF SADDAM»




*«Saddamyň öýi» ("House of Saddam") – Yragyň döwlet ýolbaşçysy Saddam Hüseýiniň häkimiýete gelen wagtyndan başlap, tä ölüm jezasyna höküm edilýänçä öz içine alýan döwri gürrüň berýän dört bölümli serial. Serialda Igal Naoryň janlandyran Saddam Hüseýiniň obrazy arkaly sözüň doly manysyndaky gülläp ösüş we çöküşlik suratlandyrylýar.*

Uly çykdajyly teleserial bolan «Saddamyň öýi» Saddamyň Yragyň prezidentini agdaryp, ýerine geçmegi bilen başlaýar. Saddam döwletiň içindäki güýçli adamlaryňam goldawyny alyp, gysga wagtyň dowamhnda öz diktaturasyny gurýar.

«Öwrülişik ilki öz çagalaryny iýýär» sözüni dogry çykarýan ýaly Saddam Hüseýin ilkinji nobatda öz ýakyn adamlarynyň käbirini wezipeden pyzýar. Saddam özüne ahyryna çenli wepaly boljakdygyna şübhelenýän adamlaryny ýok edýär. Onuň niýeti bir

ýandan häkimiýetini güýçlendirmek we duşmanlaryna hiç hili gowşak ýeriniň ýokdugyny görkezmekdi.
Ähli diktatorlarda bolşy ýaly arzan gahrymançylyk sahnalaryny görkezmäge höwesli bolýar. Hiç hili netije gazanyp bilmejegine gözi ýetip duranam bolsa, Eýrana garşy uruş yglan edýär. Sekiz ýyla çeken uruşyň ahyrynda ýeke garyş ýer alyp bilmändigine garamazdan uly ýeňiş gazanandygyny öňe sürüp, nasionalizmi gorjamaga synanyşýar.
Ýurduň içinde-de ýagdaý öwerlikli däl. Garyplyk artýar, urşuň uly zyýan beren ykdysadyýeti-de özüni tutup gidibermeýär. Saddam çykalgany ýene uruşdan tapjak bolýar. Agyr şertler astyndaky ýurtda sözüň doly manysynda eden-etdilik höküm sürýär. Demokratiýa we adam hukuklary diýen zatdan nam-nyşan ýok. Onuň ogullary Udaýdyr Kusaýyň hem özlerini alyp baryşlary çenden-çakdan çykýar. Ýöne Saddam bularyň barsyna göz ýumýar. Ýurduň nebiti-de günbatarly ýurtlaryň agzyny suwardýar. ABŞ-nyň Yraga çozmagynyň yzysüre ogullary öldürilen Saddam ele salynýar we ölüm jezasyna höküm edilýär.




- **BOLUP GEÇENLERIŇ BARY-ÝOGY ÝARPYSY**

Saddam Hüseýiniň diktaturasy döwri, Yragyň ýakyn syýasy taryhy serialda täsirli edilip berilipdir. Ýöne serial bolup geçen zatlaryň bary-ýogy ýarpysyny orta goýýar. Hawa, Saddamyň zalym dictator bolandygyna söz bolup bilmez. Emma serialda Yrak urşy döwründe bolup geçenleriň dine Saddam sebäpli bolandygy we

ABŞ-nyň «azatlyk äkitmek» maksady bilen Yraga girendigi hakdaky patarraky serialyň süňňüne siňdirilipdir.
Serialda amerikan esgerleriniň yrakly raýatlary nähak öldürişleriniň, adamlary gynaýyşlarynyň üstünden göz-görtele geçilipdir. Eýse amerikan-iňlis şärikdeşliginde düşürilen serialyň başga hili bolmagyna garaşmalymy, bu eýýäm aýry jedelli gürrüň. ABŞ-nyň Yraga çozmagyna bahana bolan ýadro ýaraglaryndan kelam agyz söz açylmazlygy bolsa ünsi çekiji. Yragyň ganly howuza öwrülişi görmezlige salynýar. ABŞ-nyň okkupasiýasyna bolsa makul baha berilýär.
Serialda Saddam ýaly diktatorlaryň ýüze çykyş prosesi, Ýakyn Gündogaryň syýasy taryhyna giren lideriň durmuş ýoly, maşgala gatnaşyklary, maşgala agzalary bilen bilelikde öz isleýişleri ýaly dolandyran ýurdunda nädip gorky atmosferasyny döredişi açylyp görkezilýär. Emma birtaraply we günbatar gözi bilen suratlandyrylýandygyny-da ýatdan çykarmaly däl.

03.04.2016 ý.

Hakan GÜNGÖR. Teatr we kino sungaty